# Ýurdum ýene Talibanyñ eline düşdi…

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ýurdum ýene Talibanyñ eline düşdi… ÝURDUM ÝENE TALIBANYÑ ELINE DÜŞDI, JÜMLE-JAHANDA OWGANLAR ÖZÜNI ALAÇSYZ DUÝÝAR…

*Onlarça ýyla çeken uruşyñ, ýer-ýurdundan jyda düşürilmegiñ, dert-elemiñ we garyplygyñ yzyndan owgan halky gowy gün görmedi…*



Taliban liderlerinden Wahidullah Haşimi Owganystanda aýal-gyzlaryñ roluny Yslam ulamalary şurasynyñ kesgitlejegini aýdypdy. (AFP)
Owganystana iñ soñky gezek ýedi ýaşymdakam gidipdim. Agamyñ meni şäherdäki iñ gowy gamburglary iýdirmäge äkidişi şu günki ýaly ýadyma düşýär. Dymjyk benzin ysyna garylyp gelýän täze çöregiñ ysyny şol pursat öýümde alýan ýaly bolupdy. Watanymy görmäge mümkinçilik tapanymda kiçijik gyzjagazdym, şondan bäri ýeke gezegem ýurdumy görmek nesip etmedi.
Onlarça ýyla çeken uruşyñ, ýerinden-ýurdundan jyda düşürilmegiñ, dert-elemiñ we garyplygyñ yzyndan owgan halky gowy gün görmedi. Dünýäniñ Owganystany üznüksiz uruş ýagdaýyndaky ýurt hökmünde görmegi gatlaklaryñ owgan halkynyñ çeken külpetleriniñ öñünde biperwaýlyga sebäp bolýar.
Taliban soñky ýyllarda has çalt ulaldy: Häkimiýet boşlañlygyny doldurdy, ýurdy gysyp-gowurdy, gysga wagtyñ içinde welaýatlary

ýekän-ýekän eýeledi. ABŞ-nyň prezidenti Jo Baýdeniň duýdansyz ýagdaýda amerikan goşunlarynyň ýurtdan çykjakdygyny aýtmagynyň yzyndan dartgynlylyk möwjäp, Owganystandaky birnäçe adamyň arasynda gahar-gazap döretdi. Emma Baýden az wagt öň amerikan goşun bölümlerini yzyna çagyrandygyna ökünmeýändigini aýtdy: «Özleri üçin uruşsynlar!» Munuň özi köp sanly owgany gahar-gazaba atlandyran näsag düşünjedi.
Talibanyň ideologiýasy we ekstremistik pikirler geçmişde birnäçe bilim ojagynyň ýapylmagyna, aýdym-sazyň gadagan edilmegine, aýal-gyzlaryň sesiniň we hak-hukuklarynyň garaşylmadyk formada basyp ýatyrylmagyna getirdi. Talibanyň täzeden janlanmagynyň döreden howatyry häzir dünýäniň çar künjündäki köp sanly adam tarapyndan duýulýar.
Owgan zenanlary guramasynyň dolandyryş toparynyň agzasy Mahbuba Seraj «TRT World» teleýaýlymyna beren reportažynda dünýä liderlerini gazaply aýyplady: «Owganystana edenleriňizden utanyň! […] Şu günki gün Owganystanda bolup geçýänler ýurdy 200 ýyl yza tesdirer». Onuň bu sözleri sosial mediýada we owgan diasporasynda ýaň saldy.



*Mahbuba Seraj*
Kabuldaky ýagdaý hakda has jikme-jik maglumatlary almak üçin bir maşgala bilen habarlaşdym. Onuň sesindäki argynlygy duýanymda, ýakyn hossarlarym we tanyş-bilişlerim Owganystandaky haosyň içindäki biçäre halda näme etjeklerini bilmän ýören hallaryny özümiň asudalukda ýaşap ýören günüm bilen tapawudyny deňeşdirmän durup bilmedim. Gürleşen ildeşim «Öýümiň daşynda ýer-ýurdundan jyda düşürilen müňden agdyk maşgala, ýurduň çar künjünden gelen adamlar bar» diýdi. «Gijelerine ot açmaga we raketa atmaga başlaýarlar. Bärleri

mazaly bulaşdy, ýöne mesele däl…»
«Mesele däl» sözi hiç aňymdan çykanok, bu söz maňa owgan halkynyň onlarça ýyllap näderejede sabyr-takatly we şeýlekin basyşlaryň astynda-da nähili sabyrlydygyny ýatladýar.
Owgan hökümetiniň durnuksyzlygy Talibana höwes edýän güýjüni berdi. Emma esasy sowal şu: Mundan yza gaýdyp bilerismi? Taliban uly welaýatlary eýeledi we men ýaly köp sanly adamy çalt-çaltdan üýtgäp durýan gorkunç wakalary synlap durka howatyr içinde goýdy.
Diaspora çuň dert-eleme, çetlenmek duýgusyna we aň bulaşyklygyna düşdi. Şu sowaly bermän bilemzok:
Mundan soň näme bolar? Munuň özi bize we owgan halkyna nämäni aňladýar?
Şu pursatlarda enem görgüli ýadyma düşýär. Ol 80-nji ýyllaryň sowet okkupasiýasy döwründe uruşdan gaçmak üçin öýüni-ilini taşlap gaýdyşyny we onlarxa ýyldan soň taryhyň gaýtalanşyna ýene şaýatlyk etmeli bolandygyny pikir edýärin. «Haçan soňy gelerkä?» diýen enemiň sesi saňňyldaýardy. Bular indi meniňem, ogabyny bilmeýän, owgan halkynyň jogap tapma umydyny ýitiren sowalarymyz.
Dünýäniň owgan halkyny ýarpy ýolda ýeke taşlandygyna şek-şübhe ýok…



Faiza SAKIB.
Penşenbe, 26.08.2021 ý.

https://www.independent.co.uk/voices Publisistika